**Ýadygärligiň ady:** Änew
**Ýadygärligiň ýerleşýän ýeri**: Ahal welaýatynyň Ak Bugdaý etraby.
**Ýadygärligiň döwri**: b.e. ö. V m.ý. – b.e. XIX asyry

**Ýadygärligiň taryhy:**

*“Taryhy maglumatlar maňa ak bugdaýyň ilkinji watanynyň Türkmenistandygyny düşündirdi. Bäş müň ýyl mundan ozal Änewiň düzlüginde ýetişdirilen ak bugdaýyň tohumy tapylan bolsa, biz “Türkmenistan – ak bugdaýyň Watany!” diýip, arkaýyn aýdyp bileris.”*

*Ak bugdaý*

*Ajygana – nansyň, gallaja – jansyň,*
*Daýhana mertebe, döwlete – şansyň!*
*Elli asyr ulus-ile soltansyň,*
*Änew topragynda biten ak bugdaý.*

*Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy*

Eneolit zamanynyň ýadygärlikleri Türkmenistanyň günortasynda, esasan Gyzylarbat – Göksüýri (Tejen) aralygynda ýerleşýärler. Olaryň içinde ilkinji agzalmalysy Änewiň demirgazygyndaky depesidir. Bu ýerde ilkinji işlän ylmy ekspedisiýa Amerikan ekspedisiýasy bolup, ol 1904-nji ýylda R.Pampelliniň ýolbaşçylygynda geçirilipdir. Depäniň medeni gatlagyny ol dört döwre bölüp, „Änew medeniýeti” diýen at bilen taryha girizdi.



Änewiň günorta depesi (b.e. ö. V m.ý. – b.e.ö. I m.ý.)

Emma R.Pampelliniň geçiren ylmy işleriniň oňaýly taraplary bilen birlikde kemçilikleri hem bardy.Amerikan ekspedisiýasynyň Änew depelerinde geçiren gazuw-agtaryş işlerine tankydy göz bilen garap, biziň ýurdumyzyň alymlary Änew medeniýetini aşakdaky senelere böldiler.

Änew I-b.e.ö.V-IV müň ýyllygyň başlary;

Änew II-b.e.ö. IV müň ýyllygyň ahyrlary we III müň ýyllygyň töwerekleri;

Änew III-b.e.ö. II müň ýyllyk;

Änew IV-b.e.ö. I müň ýyllygyň ortalaryna çenli.

Şeýlelikde, Änew medeniýetiniň ilkinji iki döwri eneolit zamanyna degişli bolup, ol takmynan b.e.ö. V-III müň ýyllyklary öz içine alýar. Soňky iki döwür bolsa bürünç-demir asyryna degişli bolup, b.e.ö. II-I müň ýyllyklar bilen senelenýär.

Änew orta asyr şäheri bolup, ol Aşgabat şäherinden 12 kilometr günorta-gündogarda ýerleşýär. Änew XVI asyrda taryhy çeşmelerde gabat gelýän Bagabat şäheridir. Bagabat XV-XVIII asyrlarda Apbas şanyň we Nedir şanyň dolandyran döwründe ençeme gezek ýatlanylýar. Şäheriň 7 gektar meýdany bolupdyr.

Şäherjikde gazuw işleri örän seýrek geçirildi. Ýadygärligiň köp gatlaklydygyna toplanylan arheologik maglumatlar şaýatlyk edýär. Änew galasynyň has irki gatlagy antik döwre degişlidir.

Arheologiýa barlaglarynyň netijesinde anyklanylyşy ýaly, şäherde we onuň töwereginde joşgunly durmuşyň bolandygyny häsiýetlendirýän gurluşyklar az däl. Seýitjemal-eddin ady bilen belli bolan orta asyr metjidi barlagçylaryň ünsüni köp gezek özüne çekdi. Ol XV asyrda bina edilipdir. Metjidiň öň tarapynda Horasany dolandyran timurid şasynyň (1447-1457-nji ýyllar) ogly Abul-Kasym Baburyň başda durmagynda bina edildi diýlip aýdylýar. Metjit Abul-Kasym Baburyň weziri Muhammet Hudaýkary, soňra bolsa, Soltan Huseýin Baýkary tarapyndan gurlupdyr diýlip çaklanylýar. Änew metjidi jaýlaryň 17-sinden ybaratdyr.

XV asyr bilen senelenen sardob hem uly gyzyklanma döredýär. Onuň içki diametri 6,5 metre barabar bolan tegelek howuzy bar. Sardobyň günorta tarapynda 2,5 metr aşak düşülýän basgançaklar bar. Sardoba 200 000 litre barabar suw ýerleşipdir.

**Ýadygärligiň ady:** Seýitjemaleddin metjidi
**Ýadygärligiň ýerleşýän ýeri**: Ahal welaýatynyň Ak Bugdaý etraby.
**Ýadygärligiň döwri**: b.e. XV asyry

**Ýadygärligiň taryhy:**

Seýitjemaleddin metjidi atlary bilen belli bolan bu ymarat hakykatdan örän çylşyrymly desga bolup, metjidiň, guburhananyň, medresäniň we hanakanyň wezipelerini ýerine ýetiripdir.

Änewdäki metjidi öwrenmegiň başlangyjyny W.A.Žukowskiý (1886-njy ýylda) başlapdyr. 1904-nji ýylda harabaçylygy R.Pompelliniň amerikan ekspedisiýasy gyzypdyr. Sowet Türkmenistanyň şertlerinde, ýagny 1920-nji ýyllarda A.A.Karelin we W.R.Tripolskiý çagşamagyň we ýykylmagyň sebäplerini barlapdyrlar, S.S.Sklýarowskiý bolsa çyzgysyny ýerine ýetiripdir. Dürli wagtlarda rejeleýiş çäreleri (W.R.Tripolskiý, N.M.Baçinskiý) hem amala aşyryldy. 1947-nji ýylda M.E.Massonyň ýolbaşçylygy astynda Günorta Türkmenistan arheologik ekspedisiýasy (GTAKÄ) metjidi çuň we hemmetaraplaýyn öwrenmek işini geçirdi.

Metjidiň peştagynyň ýokarsynda Horasanyň hökümdary soltan Abul-Kasym-Babyryň (1446-1457 ý.) ady tutulýan uly ýazgyda şeýle diýilipdir: „Bu gurluşyk beýik soltan, öz halklarynyň eýeleri, ýurtlaryň we asyrlaryň penakäri Abul-Kasym-Babyr Bahadurhan patyşalyk süren wagtynda guruldy, hemmeden beýigiň özi onuň häkimiýetini we onuň patyşalygyny ebedileşdirsin”.



Seýitjemaleddin metjidi (XV asyr)

Beýleki ýazgylarda „Gözellik öýüni” Muhmammet diýen biriniň öz kakasy Jemal-ed-dünýä-wa-d-diniň ýadygärligi üçin öz serişdeleri bilen 1455-1456-njy ýyllarda gurdurandygy hakyndaky maglumat getirilýär.

G.A.Pugaçenkowa metjidiň ýüzündäki ýazgyda ady gelýän Muhammedi soltanyň weziri bolan Muhammet Hudaýdot diýip tassyklaýar, özi-de onuň bu ýerde jaýlanan kakasy Jemaleddiniň doglan ýeriniň Änewdigini kesgitleýär.

Desga gurlup tamamlanmandyr, çünki soltan Babyr ölenden soň (1457 ý.) öazara uruşlar we weýrançylyklar döwri başlanypdyr.

Oňat bişen kerpiçden bina edilen metjit syrça bilen gysganylman bezelipdir. Peştagy demirgazyga bakdyrylypdyr we jaýyň jümmüşinde, günorta diwaryň ýzünde syrçalar bilen bezelen mährap bolupdyr. Onuň gapdallarynda günorta diwaryň ýüzünde insizje tagçalar edilipdir, olar diwaryň daş ýüzüne çykytly edilipdir. Metjidiň beýleki iki diwarynda, hersinde ikiden, inli, çuň tagçalar edilipdir.

Peştagyň syrçaly bezeginiň çeperçilik özboluşlulygynyň uly gymmaty bolupdyr, onda biri-birine tarap kellelerini uzadyp, süýnüşip gelýän iki sany eýmenç görnüşli aždarhanyň şekili çekilipdir. Olaryň sarymtygrak göwresi ownuk ösümlik nagyşly garamtyl-mawy syrça düşegiň üstünde towlanyp barýar, ol ownuk ösümlik nagyşlary jandarlaryň her biriniň açylan agzyndan başlanýar.



Seýitjemaleddin metjidiniň 1948 ýylyň ýer yranmasyndan öňki görnüşi

Şuňa meňzeş aždarhalaryň dini ymaratda şekillendirilişiniň nusgasy Orta Aziýada başga ýok. Aždarhalary şekillendirmegiň Orta Aziýa sungatynyň taryhyna

çuňdan ornaşyp gidýändigine garamazdan, Änew metjidindäki suratyň gelip çykyşynyň gutarnykly düşündirilişi henize çenli tapylanok. Änew metjidinde aždarhalaryň şekillendirilmeginiň manysyna has ynamlyrak düşündirişi G.A.Pugaçenkowa berýär, ol „munyň özi XV asyrda Änew töwereginde ýaşan esasy türkmen taýpasynyň totemidir, ähtimal, Änewde jaýlanan şyh Jelaleddin hem şol taýpadan bolandyr” diýip hasap edýär.

Totemiň (taýpanyň dini simwolynyň) ýerli gelip çykyşy hakdaky pikir peştagyň daşyna aýlanan syrçaly nagyşynyň we onuň üstündäki arap ýazgysynyň, şonuň ýaly-da aždarhalaryň hem Orta Aziýanyň arhitektura ýadygärliklerinde başga hiç ýerde ýoklugy bilen ýene bir gezek berkleşýär. Şonuň bilen birlik-de bu nagyşyň şekilleri türkmen eneolitiniň (mis-bürünç zamanynyň) küýze nagyşlary üçin häsiýetlidir we türkmen haly sungatynda öz ýaşamagyny häzir hem dowam edýär. Şularyň hemmesi Änew metjidiniň bezegine türkmen halkynyň iňňan uzak gadymdaky öz ata-babalaryndan miras edinip alan çeperçilik äheňiniň hut özi diýip hasaplamaga mümkinçilik berýär.



Seýitjemaleddin metjidiniň 1948 ýylyň ýer yranmasyndan soňky görnüşi

**Rowaýat:**

*Metjidiň töweregindäki ilat muňa özüçe düşünipdirler. Olaryň arasynda şunuň ýaly gurluşygyň peýda bolmagyny düşündirýän rowaýat baryp ir wagtlarda emele gelipdir. Onda şeýle diýilýär:*

*“Bir wagtlar şäheriň gala diwarynyň düýbünde bir agaç dikilip, ondan uly jaň asylyp goýlupdyr. Başyna iş düşen her bir ýolagçy jaňy kakmak bilen şähere*

*duýduryş berýär eken, ilat bolsa oňa kömege gelip, başyna düşen işden ony halas edýär eken. Bir gezek, adalatly we parasatly Jamalyň ýurdy dolandyrýan wagtynda adamlar jaňyň gaty we howsalaly kakylýandygyny eşidipdirler. Derwezäniň agzyna ylgaşyp gelenlerinde, olar ägirt uly towlanyp duran aždarhanyň jaňy kakýandygyny görüpdirler. Ol aždarha bir zady görkezýän ýaly edip, dag tarapa ümläpdir, soňra bolsa märekäniň arasynda elleri paltaly we pyçgyly duran iki ussa tarap ümläp, daga tarap ugrapdyr. Patyşa aýal Jamal ussalara aždarhanyň yzy bilen gitmegi buýrupdyr. Bular daga baranlarynda, agyr jebir çekip ýatan başga bir aždarhany görüpdirler, ol aždarha uly dag geçisini diriligine ýuwdupdyr, emma onuň buýraly uly şahlary aňryk geçmän, aždarhanyň bokurdagyna ilişip galypdyr. Edermen ussalar aždarhanyň açylyp ýatan agzyna girip, dag geçisiniň şahlaryny pyçgy bilen kesip aýyrypdyrlar we geçiniň etini böleklere bölüşdiripdirler hem-de aždarhany jebirden gutarypdyrlar. Şundan soň birnji aždarha ussalary hazynadan doly bolan bir derä eltipdir we olara şol hazynadan gereklerini hem-de göterip bilenlerini almaga ygtyýar beripdir.*

*Ertesi irden şaheriň ilatyny ýene-de jaňyň sesi oýarypdyr. Olar galadan çykanlaryndan iki aždarhany hem görüpdirler, ol aždarhalar köp altyn we gymmat bahaly daşlary alyp gelen ekenler. Olar bu zatlary patyşa aýalyň öňünde goýup, özleri ýene daga tarap gidipdirler. Jamal bu gymmat baha zatlardan uly metjit gurmagy we onuň peştagynda şu zatlary peşgeş beren aždarhalaryň şekilini çekmegi buýrupdyr. Rowaýatda aždarhalar Änewiň ilatyna hossarlyk eden jandarlar hökmünde görkezilýär, olaryň şekili bolsa ýykylan metjidiň ýüzündäki ýazgyda atlandyrylyşy ýaly „Gözellik öýuni” gorap saklapdyrlar”.*

***

*Bir wagt Teýmir şanyň agtygy Babyryň şalyk süryän döwründe Bagabat şäheri gülläpdir. Bagabadyň, ýagny “ Bagly şäheriň” dabarasy köp ýerlere aşypdyr. Ol ýerde alma, üzüm ýaly köp dürli miweli agaçlar ekilipdir. Ylaýta-da, Bagabadyň almasynyň şöhrady uzaklara ýaýrapdyr.Gyzlaryň ýaňaklary Bagabadyň almasyna meňzedilipdir. Bagabadyň şeýle şöhrada ýetmeginiň sebäbi hem şol döwürde Babyr suwa üns beripdir. Ol Bagabady suwarmak üçin iki nagym çekdiripdir. Şolaryň biri “ Şowlatma” diýen nagym bolupdyr. Beýlekisi “ Abi now “ , ýagny “Täze suw” nagymy bolupdyr. Änew sözi “ Abi now” nagymynyň ady esasynda döräpdir.*

**Ýadygärligiň ady**: Altyndepe.

**Ýadygärligiň ýerleşýän ýeri**: Ahal welaýatynyň Kaka etraby.
**Ýadygärligiň döwri**: b.e. ö. III- II m.ý.

**Ýadygärligiň taryhy:**

*“Oguz han türkmenleriniň guran ilkinji döwletine bäş müň ýyl wagt geçipdir. Oguzlaryň durmuşyna degişlidigini subut edýän ok-ýaý alamatlaryndan başlaýan şol döwre degişli tapyndylaryň Bagabat, Altyndepe, Täk gala (Durun), Ary jülgesi, Margiana , Köneügenç taraplarynda üstüniň açylmagy, döwletiň taryhy ýerşleşişi hakda düýpli pikirleriň döremegine esas berýär.”*

*“...Meniň stolumyň üstünde Altyndepeden tapylan, ýaşy bäş ýarym müň, alty müň ýyl bolan öküziň altyndan guýlan şekili dur. Köşgüň sag gapdalynda “Sary öküz” Ýer togalagynyň şekilini depesine göterip dur... “*

*Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy*

Biziň eýýamymyzdan öňki dörän şäherlerden biri Altyndepe bolup, ol Kaka etrabyndaky Mäne we Çäçe obalarynyň aralygynda ýerleşýär. Altyndepede goranyş berkitmesi, ybadathana, ýaşaýyş jaýlary, hünärmentçilik we gaýry desgalar bolupdyr.

Şäherde senetçilik we hünärmentçilik aýratyn ösüpdir. Senetçiligiň metal işläp bejeriş pudagy ýöritelşdirilipdir. Metaly gyzdyryp ýençme we eredip guýmak usullary tapylypdyr. Şeýlelikde, metaly işläp bejermegiň kämilleşmegi ekerançylygyň giňelmegine ýardam edipdir. Zähmet öndürijiliginiň ösmegi hususy eýeçiligiň ýüze çykmagyna getiripdir. Ol bolsa jemgyýetiň mundan beýläk-de ösmegine oňaýly täsir edipdir.

Metaldan, gymmat bahaly daşlardan, şirmaýy-pil süňkünden ýasalan hususy möhürler, şaý-sepler şäher senetçiligi üçin häsiýetli zatdyr. Tapylan möhürler hususy eýeçiligiň has aýdyň mysalydyr.

Altyndepe we Namazgadepe ýaly şäher görnüşli gadymy ýadygärliklerden tapylan köp sanly heýkeljikler esasan aýal şekillerini suratlandyrypdyrlar. Her bir maşgala hojalygynda şeýle heýkeljikleriň birnäçesi saklanypdyr. Adamlar meýdan işlerine gitmezinden ozal şol heýkellere sežde edipdirler. Şeýlelikde, olar öz ruhy isleglerini kanagatlandyrypdyrlar hem-de işdäki şowlulyk heýkellere tagzym etmek bilen gös-göni baglanşykly diýip düşünipdirler.

Agzalan heýkelleriň başga-da bir täsin tarapy, olaryň eginlerinde, kähalatda bolsa göwsüniň gapdallarynda haýsydyr bir ýa-da birnäçe çyzyklar-bellikler bar. Şol çyzyklar iň gadymy zamanlaryň hat-ýazuw elipbisi bolaýmagy hem mümkindir diýlip çaklanylýar. Emma welin, şeýle nyşanlaryň belli bir görnüşdäkileriniň azlyk edýänligi sebäpli bu mesele heniz gutarnykly çözülenok.

Altyndepeden tapylan genji-hazynalaryň arasynda altyndan ýasalan nakyzja öküz we möjek şekilleri Gadymy Gündogar ýurdy bolan Mesopotamiýa bilen

medeni gatnaşygyň bolandygyna güwä geçýär. Öküz Aý hudaýynyň şekilini aňladypdyr.

Altyndepede geçirilen arheologiýa gazuw-agtaryş işleri maddy we ruhy gymmatlyklardan başga-da, gadymy adamlaryň fiziki keşbi we ömri barada ençeme maglumatlar berdi.Tapylan adam süňk galyndylaryna görä, 4-5 müň ýyl mundan ozal Altyndepede ýaşan ilatyň 2/3 essesi 35 ýaşyna ýetmän ölüpdirler. Çaga ölümi juda köp bolupdyr. 60-70 ýaşyna ýeten adamlar gaty seýrek eken. Antropologlaryň maglumatlaryna görä, Altyndepede 5000 töwerekleri ilat ýaşap, olaryň ömrüniň ortaça uzaklygy 23 ýaş töwerekleri bolupdyr.



Altyndepedäki dini ymarat

Şäher ilaty esasan söwda we senetçilik bilen meşgul bolýar. Oba ilaty bolsa oba hojalyk işleri: ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolýar. Şäherde senetçileriň we hünärmentçileriň ýörite mähelleleri bolupdyr. Diýmek, hünärmentçilikde ýöriteleşdiriliş bolup geçýär. Emma, beýle diýildigi bürünç zamanynda ilat diňe hünärmentçiligiň we söwdanyň hasabyna güzeran görüpdir diýildigi däldir. Ekerançylyk heniz ýaşaýşyň esasy we baş çeşmesi bolmagynda galýar.

Jemgyýetçilik we ýaşaýyş jaýlary azda-kände belli bir tertipde salynýar. Olaryň arasynda, köplenç halatda pyýada ýörär ýaly darajyk köçejikler, şonuň bilen birlikde üsti ýükli mallar, hatda araba ýörär ýaly gysgajyk köçeler hem bolýar. Şäheriň goranyş diwary bilen birlikde ýörite derwezeleri bolýar. Şäherde has barly gatlaklaryň ýaşan mähelleleri ýönekeý ilatyňkydan öz ýerleşişi, otaglarynyň sany, giňligi, kömekçi hojalyk jaýlary bilen tapawutlanypdyr.

Dini ymaratlaryň toplumy şäheriň möhüm bölegidir. Altyndepede ybadathana tapyldy. Elbetde, müňlerçe ýylyň dowamynda palçyk binalar ýagyn-ýagmyryň täsiri astynda örän weýran edilen halda saklanypdyr, emma, taryhy-arhitektura taýdan dikeldilende ybadathananyň örän haşamlanyp salynandygy mälim bolýar.

Şäheriň umumy derejesi bilen birlikde ilatyň ýaşaýyş jaý gurluşygynda hem düýpli özgerişler bolup geçýär. Bürünç zamanynyň ekerançylyk obalaryna häsiýetli bolşy ýaly, Altyndepede hem ilki ýaşaýyş jaýlary bir otagly, soňra bolsa köp otagly bolupdyr. Senetçiler mähellesinde bir maşgalanyň ýaşaýyş we hojalyk

jaýy 27 inedördül metre barabar bolupdyr. Şäheriň tutýan meýdany 46 gektara barabar bolupdyr.

Köpetdag eteklerinde bürünç zamanynda ilatyň köpelmegi suw ýetmezçiligini döredipdir. Täze ýerleriň ekerançylyk üçin şondan beýläk has giň özleşdirilmegine mümkinçilik bermändir. Köpetdagdan suw alyp gaýdýan çeşmeleriň we jarlaryň tomus aýlary gurap galýan pursatlary seýrek bolmandyr. Şeýlelikde, Namazgadepe, Altyndepe ýaly uly ekerançylyk merkezleriniň we obalaryň taşlanmagyna suw ýetmezçiligi ýa-da başgaça aýdanymyzda, ekologiýa ýagdaý sebäp bolupdyr. Ondan başga-da, adamlar köplenç halatlarda ekerançylyk bilen obadan uzak bolmadyk ýerlerde meşgul bolupdyrlar. Her ýyl diýen ýaly şol bir ýerler ekilipdir. Mineral dökünler ulanmazdan gaýtalanyp ekilýän ýerler kem-kemden arryklapdyr we hatardan çykypdyr.

Bu ýagdaý adamlary emele gelen kynçylykdan çykalga gözlemäge mejbur edipdir. Günorta Türkmenistanyň gadymy ilaty Gündogara, suwyň bol ýerine hemişelik akýan Murgap derýasyna tarap çekilipdirler. Şeýlellikde, Murgabyň aşak akymynda.

**Ýadygärligiň ady**: Meýhene
**Ýadygärligiň ýerleşýän ýeri**: Ahal welaýatynyň Kaka etraby.
**Ýadygärligiň döwri**: b.e. IX - XV asyrlary

**Ýadygärligiň taryhy:**

Haweran welaýatynyň esasy şäherleriniň biri bolan Meýhenäniň XI-XII asyrlarda hasam ösendigi barada ýazuw çeşmeleri hem, arheologiki barlaglar hem şaýatlyk edýär. Meýhene Abywertden Saragta gidýän uly ýoluň ugrunda ýerleşipdir. Meýhenäň töwereginde köp mukdarda däneli ekinler ekilipdir, şonuň üçin hem, orta asyr taryhçylary ony Haweranyň eklenç ojaklarynyň biri hasap edipdirler. 1040-njy ýylda, gaznawy soltany Masudyň çozuşynyň öň ýanynda, şäheriň Idris diýen diňe bir kerwensaraýynda 40 golaý bugdaý çekilýän terezi bolupdyr. Meýhenede, Masud bilen seljuk şalary Çagry-beg we Togrul-begiň arasyndaky söweşlerde seljuklara ak pata beren belli şyh Abu-Seýit ýaşapdyr. Soň-soňlar seljuklar Abu-Seýidiň hanakasyna we aramgähine uly üns beripdirler.

XI-XII asyrlarda şäheriň beýik depäniň üstünde gurlan arky-kuhendizi bolupdyr. Ol inedördül meýilnamada gurlup, onuň daşyny ýarym aýlaw diňler bilen berkidilen gala diwarlary gurşapdyr. Günorta böleginde köne arap mälellesi „Zakal” we metjit ýerleşipdir. Onuň golaýynda Abu-Seýit sufiler üçin hanaka gurdurypdyr, özi ölenden soň bolsa, şol ýerden oňa aramgäh gurlupdyr.

Emma, esasy durmuş gala bilen Zakalyň aralygynda ýerleşen şähristanda gaýnap joşupdyr. Şähristanyň daş - töweregi hem diwar bilen gurşalypdyr. Onuň içinden 3 sany uly ýol we birnäçe ownuk köçeler geçip, olaryň ugrunda meýdançalar, bazarlar, ýaşaýyş jaýlar we baglar ýerleşipdir. Şäheriň 2 derwezesi bolupdyr.

Rabat bolmandyr, onuň ýerine şähristanyň diwarynyň daşynda ekin meýdanlary ýerleşipdir.

**Ýadygärligiň ady**: Abu-Seýit (Mänebaba) aramgähi.

**Ýadygärligiň ýerleşýän ýeri**: Ahal welaýatynyň Kaka etraby.

**Ýadygärligiň döwri**: b.e. XI - XIV asyrlary

**Ýadygärligiň taryhy:**

**“***Daňdanakan söweşinde tutuş Aziýa sebitinde däl, dünýäde iň bir kuwwatly türkmen döwletiniň soltany Mahmyt Gaznalynyň ogly soltan Masudyň goşunyny çym-pytrak eden türkmen hanlarynyň kyrka golaýy bir saçagyň başynda jem bolup, täze türkmen döwletini yglan edýärler. Şonda yslam dininde iki ýola hyrka geýen beýik alym, pir Abu Seýit Abyl Haýyr – Mäne Baba hem Çagry beg bilen Togrul bege döwlet patasyny berýär. Daňdanakan söweş meýdanynda tylla tagt goýýarlar, emma ilçilik, “Edil bu ýerde tagt goýmaly däl, bu gün sähet däl” diýenem tapylýar. Şonda Mäne Baba:*

*--- Allanyň saýlan ýerinde ýaramaz ýer bolmaz, Allanyň ýaradan günleriniň sähet däli bolmaz! Döwletimiziň halk döwleti bolup, Hakyň-Allatagalanyň ýoly bilen, türkmeniň hallalyk, adalatlylyk ýoly bilen, gitseňiz, almajak galaňyz bolmaz – diýipdir.*

*Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy*

*Mäne Baba*

*Mäne Baba, sen ulugdan ulusyň,*
*Sen gudratsyň, öwlüýäsiň, welisiň.*
*Beýik bir döwlete ak pata berip,*
*Beýgelişini gördüň iliň-ulusyň.*

***

*Mäne Baba, ymmatyma sežde etdim.*
*Keremiňe, hümmetiňe sežde etdim.*
*Seljuk soltanlarnyň sünnäläp salan*
*Seniň synmaz kümmetiňe sežde etdim*

***

*Mäne Baba kanda? Haka golaýdyr!*
*Mäne Baba kanda? Halka golaýdyr!*
*Mäne Baba gudrat alyp şu ýerden,*
*Şu toprakda Mäne Baba bolandyr.*

*Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy*

*Goňşy gatnaşygynda Taňrynyň birligine bolan ynanjyň bildirilýändigine beýik pirimiz Mäne babanyň ömür edebinden bir hekaýat şaýatly edýär.Mäne babanyň güzerany pes, eli ýuka bir garyp goňşusy bar eken. Pirimiz şol goňşusyna öz döwletinden sadaka bermegi ýola goýupdyr. Günlerde bir gün şol goňşusy piriň ýanyna baranda, Mäne babanyň howlusyndaky garynjalara däne sepip ýörendigini görüp, geň galypdyr. Onuň haýran galan soragly nazaryna pir şeýle jogap beripdir:*

*--Bularam seniň ýaly maňa goňşudyrlar. Olara goňşy hakyny bermek meniň borjumdyr.*

*Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy*

Türkmenistanda saklanyp galan ýadygärlikleriň arasynda Kaka etrabynyň Mäne obasynyň golaýyndaky Abu-Seýit aramgähi özüniň taryhy-binagärçilik ähmiýeti boýunça möhüm orna eýedir. Onuň ady halk arasynda Mänebaba diýlip hem tutulýar.

Ilkinji gezek bu äremgäh XIX asyryň ahyrynda professor W.A.Žukowskiý tarapyndan öwrenilipdir, ol ymaratyň peştagyny bezeýän nagyşlaryň görnüşi boýunça desgany XV asyr bilen seneläpdir. 1920-nji ýylda ýadygärlikde derňew işlerini geçiren professorlar A.A.Semýonow, E.A.Şmidt we binagär A.P.Udalenkow bolsa aramgähi XIV asyryň ahyry bilen seneläpdirler. Günorta Türkmenistanyň binagärçiligini düýpli öwrenen alym, akademik G.A.Pugaçenkowa Demirgazyk Horasanyň aramgähleriniň gurluşygyny deňeşdirmek esasynda Abu-Seýidiň aramgähiniň XI asyrda gurlandygyny subut edýär.



Abu-Seýit aramgähi (XI-XIV asyrlar)

Abu-Seýit aramgähi orta asyr Mäne şäherinde XI asyrda kuwwatly Seljuk döwletiniň emele gelýän we berkeýän döwründe, Horasanyň ykdysady taýdan gülläp ösýän wagtynda gurlupdyr. Aramgäh taryhy şahs hökmünde meşhur bolan şyh Abu-Seýit ibn Abul-Haýryň (968-1049-njy) guburynyň üstünde bina edilipdir.

Ýaşlyk ýyllarynda oňat bilim alyp, Abu-Seýit öz ömrüni dini taglymaty öwrenmäge bagyşlapdyr we musulmançylygyň dini akymlaryndan biri bolan hem-de şol wagtlarda Horasanda giňden ýaýran sufizmiň uly şahsyýetlerinden biri

bolupdyr. Gaznawylar nesilşalygynyň paýtagty bolan Gazna şäherinden gaýdyp we Merw şäheriniň şyhlarynda okuw geçip, Abu-Seýit Mänä göçüp gelipdir, 1049-njy ýylda şol ýerde hem ýogalypdyr.

Abu-Seýit Demirgazyk Horasanyň syýasy we ruhy durmuşynda möhüm orun tutupdyr. Onuň abraýy gaty belent bolupdyr, hatda Seljuk döwletini esaslandyryjylar bolan Çagrybeg we Togrulbeg hem „hökümdarlyga pata bermegi” üçin onuň ýanyna gelipdirler. Meşhur döwlet işgärleri – Seljuk soltanlary Il - Arslanyň we Mälikşanyň baş weziri Nyzam-al-Mülk hem onuň ýanyna tagzym etmäge gelip gider eken. Abu-Seýit ýogalandan soň, musulman ruhanylary onuň guburynyň töwereginde dini desgalaryň toplumyny döredipdirler, şol guburyň üstünde bolsa, giň meşhurlyk gazanan gümmez peýda bolupdyr. Soňky ýüz ýyllykda Abu-Seýidiň gubury barada Soltan Sanjar we Horezm şasy Ilarslan alada edip durupdyrlar.

Abu-Seýit aramgähi meýilnamada inedördül görnüşli esasy jaýdan (taraplary 10,3 m.) ybarat bolup, onuň öň tarapynda, ýagny, günorta –günbatara bakdyrylan peştagy ýerleşipdir. Güberçek edilip gurlan jaýyň iki gat gümmezi bolupdyr, XIV asyrda aramgähde düýpli abatlaýyş-rejeleýiş işi geçirilýär, şonda onuň binagärçilik-çeperçilik görnüşi ep-esli üýtgedilipdir.

Aramgähiň girelgesi-peştagy dürli reňkdäki syrçaly nagyşlar bilen bezelipdir. Nagyşlar geometriki, epigrafiki we ösümlik görnüşinde bolup, ýaşyl, gök, ak, mawy reňkli syrçalar bilen ýokary derejede bezelipdir. Has ownuk bezegleriň sary reňki bolupdyr. Peştagyň ýazgylary mawy düşegiň ýüzüne ak harplar bilen arap hatynyň „nask” ýazuwynda ýazylypdyr. Aramgähiň diwarlarynyň içki ýüzi hem, ýerden gümmeziň ýokarsyna çenli ýaşyl, gyzyl, käbir halatda bolsa solgun gök reňk bilen ýazylan ýazgylardan doldurylypdyr. Peştagyň we gümmeziň nagyşlary öz reňkleriniň ilkibaşdaky arassalygyny we durylygyny şu günki-güne çenli saklapdyrlar, bu bolsa olary orta asyr sungatynyň seýrek duşýan nusgalarynyň hataryna goşmaga mümkinçilik berýär.

**Ýadygärligiň ady:** Sarahs

**Ýadygärligiň ýerleşýän ýeri:** Ahal welaýatynyň Saragt etraby.

**Ýadygärligiň döwri**: b.e. ö. I m.ý. – b.e. XIX asyry

**Ýadygärligiň taryhy:**

Saragt Beýik ýüpek ýolunyň ugrundaky Nişapur bilen Merwiň arasynda we Tejen derýasynyň ýokarky akymynda ýerleşen adybir welaýatyň merkezi şäheri bolupdyr. Bu ýere ilat eneolit döwründe (b.e.o. IV m.ý.) göçüp gelip başlapdyr. B.e.o. I m.ý. ortasynda köne Saragt şäherjiginiň ýerinde ilkinji obalar peýda bolupdyr.

B.e.o. II m.ý. Saragt Parfýan döwletiniň düzümine giripdir we Siraken diýen ady alypdyr, ol syýasy we ykdysady taýdan Merwe tabyn bolupdyr. Araplaryň gelmegi bilen Orta Aziýanyň ýerli mirasdarlary bilim alanlaryndan soň, Saragtyň ähmiýeti ep-esli artýar. Şol wagt Beýik ýüpek ýolunyň esasy ýollarynyň biriniň ugry üýtgeýär, şondan soň ol Eýranyň merkezi welaýatlaryndan Nişapura baryp ýetýär, ondan aňryk bolsa Saragtyň üsti bilen Merwe we gündogara tarap gidýär. Saragtyň halkara söwdasynyň aýlawyna goşulmagy onuň ykdysadyýetiniň ýokary göterilmegine amatly täsir edýär. Şol döwürde Saragt umumy meýdany 120 gektardan, töwereginden 12 metr ýokaryk galdyrylan, 340x560 metr uzynlykda berkidilen şähristanly gür ilatly uly şähere öwrülýär. Şähristanyň 300-400 metr töwereginde, esasan, önümçilik mähelleleri ýerleşdirilipdir. Dürli görnüşli hünärmentçiligiň arasynda Saragtyň gurluşykçy ussalary ajaýyp üstünlige eýe bolupdyrlar.



Sarahsyň gala-diwary (XI-XIII asyrlar)

Saragtyň ussalarynyň şöhrady Orta Aziýa we Eýrana ýaýrapdyr, muňa Saragtyň çäklerinden daşarda gurlan ymaratlar şaýatlyk edýär. Eýrandaky Rabat-Şarif kerwensaraýynda, Merwdäki Soltan Sanjaryň äremgähinde, Jar-Gürgendäki münberde saragtly ussalaryň atlary saklanyp galypdyr.

Saragtyň ussalarynyň aýdyň eserleriniň biri halkyň arasynda "Saragt babanyň mawzoleýi" diýlip atlandyrylan Abul Fazlyň äremgähidir. Ol 1023-nji ýylda aradan çykan musulman akyldary Abul Fazylyň Saragt şäheriniň etegindäki mazarynyň üstünde XI asyrda bina edilipdir.

XIII asyryň başynda mongol basybalyjylary Saragtyň durmuşyna agyr zarba urupdyrlar.

**Rowaýat:**

SARAHS GALASY

*Sarahs ýer ýüzündäki ýurtlardan özüniň hoş howasy bilen tapawutlanypdyr. Ony Turan şasy Afrasyýap bina edipdir. Afrasyýap şa parasatly we akyldar bolupdyr. Halaýygyň her bir müşgil işi Afrasyýap şanyň adyllygy bilen çözüler eken. Öňki wagtlarda Sarahsyň adyna "Galaýy Afrasyýap" hem diýipdirler. Ol ýedi derwezeli gala bolupdyr.*

*Erk galasynyň içinde nagym bolupdyr. Duşmalar gelip, şäheri gaban wagtynda , şol nagyma suw goýberer ekenler. Nagymdan eger atly esger naýzasy bilen atyny çapsa hem arkaýyn ýörär eken. Nagymyň günbatar tararynda juma metjidi bolupdyr. Onuň giňligi bäş ýüz gez, uzynlygy müň gez eken. Onuň mermer daşyndan örülen sütüni bolupdyr. Sarahsyň derwezesiniň iki tarapynda iki meýdan bolup ýer ýüzünde deňi-taýy ýok eken.*

*Çingiz han äleme gorky we pitne salyp gelnsoň, Sarahs galasy ýer bilen ýegsan bolupdyr.*

*Ýakut Hamawy "Kitap mugjam – ul – buldan " ("Ýurtlar sözlügi") diýen kitabynda Sarahs şäheri barada şeýle maglumatlary beripdir:*

*"Uly we giňişleýin Horasanyň bir gyrasynda ýerleşen gadymy şäher. Ol Merw bilen Nişapuryň arasyndaky ýoluň üstünde ýerleşýär. Sarahsdan Nişapura çenli, Sarahsdan Merwe çenli ikisiniň her biriniň arasynda alty menzillik ýol bardyr. Bu şähere Keý Kowus şanyň zamanynda ýaşan Zuggar Sarahs bin Huzers diýen adamyň ady goýlupdyr. Ol bu ýerde ýaşapdyr, şäheri gurupdyr, häkimlik sürüpdir. Soňra onuň gurluşygyny Isgander Zülkarneýin dowam etdiripdir we ol bu işi tamamlapdyr. Parslar Keý Kowus şa bu ýeri Sarahs bin Huzerse bölüp beripdir, ol bu şäheri gurupdyr, şähere onuň ady dakylypdyr diýýärler. Sarahs dördünji yklymda ýerleşýär. Şäheriň mes topragy bardyr. Onuň töwerekleri köplenç öri meýdany hökmünde ulanylýar".*

**Ýadygärligiň ady:** Abul – Fazlyň (Saragtbaba) aramgähi
**Ýadygärligiň ýerleşýän ýeri**: Ahal welaýatynyň Saragt etraby.
**Ýadygärligiň döwri**: b.e. XI asyry

**Ýadygärligiň taryhy:**

Göroglybeg eýýamynda dürli görnüşli hünärmentçiligiň arasynda Saragtyň gurluşykçy ussalary ajaýyp üstünlige eýe bolupdyrlar. Saragtyň binagärleriniň guran ymaratlary Eýranyň we Merkezi Aziýanyň orta asyr şäherleriniň onlarçasyny bezäpdir. Saragtly ussalaryň ajaýyp eserleriniň biri hem, halkyň arasynda „Saragt babanyň aramgähi“ diýlip atlandyrylan Abul-Fazlyň aramgähidir. Ol 1023-nji ýylda aradan çykan musulman akyldary Abul-Fazlyň Saragt şäheriniň etegindäki mazarynyň üstünde XI asyrda bina edilipdir.



Abul – Fazlyň aramgähiniň rejeleýiş işiniň geçirilmeginden öňki görnüşi

Bu ymarat, taraplarynyň uzynlygy 10,2 metre barabar bolan, dörtburç meýilnamaly ýeke-täk jaýdan ybaratdyr. Onuň gündogar tarapynda peştak görnüşli girelgesi bolup, ol aýratyn bezelipdir. Jaýa girilýän ýeriň iki tarapynda galyň diwarly, aýlawly merdiwan gurlupdyr, ol gümmeziň töweregine alyp barypdyr.

Meýilnamada dört burç jaý 5 metr töweregi belentlikde tagçaly ýelkenleriň kömegi bilen alty gyraňlyga geçýär, soňra on iki gyraňlyga we iki gat gümmezi göterýän tegelek aýlawa geçýär. Aýlawy gurşap alan eýwanjyk ýapgyt usuly boýunça edilen gümmezler bilen örtülipdir.

Aramgähiň her bir ýüzi pilçeler bilen bäş bölege bölünipdir. XV asyrda desganyň gündogar tarapynda beýgeldilip gurlan peştagyň diwarlary dikligine goşalandyrylyp örülen kerpiçlerden edilen nagyş bilen bezelipdir.



Abul – Fazlyň aramgähi (XI asyr)

Desganyň gelşikli daş keşbine onuň içiniň bezelşi hem laýyk gelýär. Gurluşynyň sadalygy, aýdyňlygy, kerpiç örüminiň ýokary derejesi bu desgany Türkmenistanyň gadymy binagärçiliginiň meşhur ýadygärlikleriniň hataryna goşýar.

**Ýadygärligiň ady:** Ýartygümmez aramgähi
**Ýadygärligiň ýerleşýän ýeri**: Ahal welaýatynyň Saragt etraby.
**Ýadygärligiň döwri**: b.e. XI asyry

**Ýadygärligiň taryhy:**

Saragt harabaçylygynyň 7-8 kilometrlik günorta we günorta-gündogar tarapynda gaty weýran bolan Ýartygümmez aramgähi ýerleşipdir. Onuň ýüzündäki ýazgynyň görkezişine görä, bu desga 1098-nji ýylda bina edilipdir. Ol bişen kerpiçden (23x23x5-5,5 santimetr) bina edilipdir. Öz meýilnamasynda inedördül (daşyndan taraplary 12x12 metr) bolan bu aramgäh uly üç güberçekden düzülen, depesi dördünji güberçek bilen tamamlanýan özboluşly gümmez bilen örtülipdir. Ýelkenleri gež bilen suwalypdyr. Bu aramgähiň aýratynlygy onuň girelgesiniň günorta bakdyrylanlygy, içinde tagçalarynyň we girelge peştagynyň ýoklugydyr.



Ýartygümmez aramgähi (XI asyr)

Desganyň diwarlary pilçeler bilen üç bölege bölünipdir. Munuň iň täsin örümi jaýyň çüňkleriniň kerpiçden örülen dörtden-üçlik sütünler bilen birneme ýapgytly endiganlanmagydyr. Jaýyň taraplarynyň diwarlary, Abul-Fazlyň aramgähindäki ýaly, goşalanan kerpiçlerden nagyşly örülipdir. Içinde kerpiçler arça şekilini emele getirýän tertipde örülipdir. Jaýyň dündogar tarapyndaky diwarynyň daş ýüzünde mährap saklanypdyr. Bu bolsa, bu diwara metjit diýlip gurlan agaç bassyrma birikdirilendir diýip çaklamaga esas berýär.

G.A.Pugaçenkowa bu aramgähi Samanynyň berýän maglumatyna görä Saragtyň golaýynda jaýlanan şyh Ahmed al-Hadynyň guburhanasydyr diýip çaklaýar. Eger-de Abul-Fazlyň döwürdeşi, şyh Lokmanyň (XI asyr) golaýda, Tejen derýasynyň Eýran çäklerindäki kenarynda ýerleşen aramgähini göz öňünde tutsak, onda Saragtdaky XI asyryň gümmezli aramgähleriniň arhitektura keşbiniň aşakdaky ýaly endigan ösüşi göz öňüňe gelýär: ilki, peştaksyz Ýartygümmez aramgähi, soňra, çalarak ösgün peştakly Abul-Fazlyň guburhanasy we doly kemala gelen, ünsüňi özüne çekýän belent peştakly Lokmanyň aramgähidir.

**Ýadygärligiň ady:** Şähryslam

**Ýadygärligiň ýerleşýän ýeri:** Ahal welaýatynyň Baharly etraby.

**Ýadygärligiň döwri**: b.e. IX - XIV asyrlary

**Ýadygärligiň taryhy:**

Şähryslam şäherjigi Baharly etrap merkeziniň 20-22 kilometr demirgazygynda ýerleşendir, ol gadymy türkmeniň oguz taýpasynyň paýtagty Tak Ýazyr galasy bilen utgaşyp gidýär we türkmen halkynyň taryhy hem-de medeniýeti üçin ep-esli derejede gyzyklanma döredýär. Şäher IX-XIV asyrlarda ýaşapdyr.

Şäheriň dürli böleklerinde geçirilen arheologiýa gazuw işleriniň netijesinde ýaşalan mähelleler açyldy, küýze bişirilen peçleriň we ussahanalaryň ençemesi ýüze çykaryldy, şäheriň diwary arassalanyldy, demir magdan we hek saklamak üçin niýetlenilen uly ambar ýüze çykaryldy.

Galanyň günbatar diwarlary bina edilen mahalynda onuň bütin uzaboýunyň esasyna togalak agajyň düşelendigi barada alnan maglumatlar uly gyzyklanma döredýär. Olaryň ýer titrän mahalynda diwarlaryň ýykylmazlygy üçin goýlan bolmagy mümkin.

Etnografiýa maglumatlara görä, örülen kerpiji ýerasty şor suwdan goramak üçin hem agaç goýlupdyr. Şähryslamda ýaşanlar haýsy maksada eýeren hem bolsalar, diwarlaryň astynda düşelen agaçlar adamlaryň gadym wagtlarda hem topragyň şorlamagy we ýer titremegi ýaly tebigy hadysalara garşy göreşiň ýollaryny gözländiklerine şaýatlyk edýär.

Köp ýaşaýyş jaýlary gös-göni şäheriň diwarlarynyň golaýynda gurlupdyr, munuň özi ähtimal goranyş we ykdysady maksatlar üçin şeýle edilendir, şol jaýlar bir wagtda şäheriň galasynyň diwarlary bolup hem hyzmat edipdir. Jaýlar beýik gurlupdyr, bu bolsa yssy howa şertlerine laýyk gelýär.

Suw çeşmesinden ep-esli daşda ýerleşen şäheri suw bilen üpjün etmek baradaky mesele aýratyn gyzyklanma döredýär. Şähryslamda ýaşanlar ajaýyp suw desgasyny bina edipdirler, olar bişen kerpiçden uzynlygy 20-22 kilometre barabar bolan suw geçirijisini çekipdirler. .

Suw geçirijisinden sekuntda 250 litre çenli suw akandygyny bellemelidiris. Şol döwürde Orta Aziýanyň we Gündogaryň beýleki ýurtlarynyň suw desgalaryna garanyňda, Şähryslamyň suw geçirijisi aýratyn täsindir. Russiýada hem, Günbatar Ýewropanyň ýurtlarynda hem suw geçirijileri şondan birnäçe ýüz ýyldan soň peýda bolupdy.

Şähryslamyň Demirgazyk Horasanyň söwda-hünärmentçilik şäherleriniň biridigine köp sanly arheologik tapyndylar, öňi bilen bolsa hünärmençilik zatlary şaýatlyk edýär, getirilen gymmat bahaly daşlar bolsa söwda gatnaşyklarynyň ugruny görkezýärler. Hywadan Ahala (Günorta Türkmenistanyň dag etegindäki

etraplar) çenli kerwen ýoly XIX asyra çenli dowam edipdir, şol ýollaryň biri bolsa Şähryslamyň üstünden geçipdir.

**Rowaýat :**

ŞÄHRIYSLAM GALASY

*Bir gezek Şähriyslam galasynyň hany Şähri Haýbar hanynyň gyzyna öz ogly üçin gudaçylyga gelipdir. Haýbar şäheriniň hany bolsa Şähriyslam galasynyň hanyna ýeriň aşagyndan beýikligi takmynan otuz-kyrk gez bolan bişen kerpiçlerden Haýbar şäherine çenli ötük ýasap, şol ötük bilen suw deregine süýt akdyrmagy talap edýär.*

*Şähriyslam galasynyň hany bu öňde goýlan şerti ýerine ýetiripdir hem-de Haýbar şäheriniň hanynyň gyzyna ogluny öýlendiripdir.*

**Ýadygärligiň ady**: Abiwerd
**Ýadygärligiň ýerleşýän ýeri**: Ahal welaýatynyň Kaka etraby.
**Ýadygärligiň döwri**: b.e. ö. I m.ý. – b.e. XIX asyry

**Ýadygärligiň taryhy:**

Abiwerd Demirgazyk Horasanyň uly şäherleriniň biridir, ol araplar basyp alanlaryndan soňky döwürde ýazuw çeşmelerinde köp gezek ýatlanylýar. Makdisi Abiwerdi gysgajyk häsiýetlendiripdir, ol Nusaýa garanyňda Abiwerdi has gowy görendigini ýazýar. Şäherde bazar, bazarda bolsa metjit bolupdyr.

„Hudud al-Alem" pars geografik ýazgysynda Bawerda (Abiwerd) giň ekin ekilýän we sürülýän meýdan hökmünde häsiýetlendirilipdir. XI asyrda Horasany eýelemek ugrunda seljuklar bilen gaznawylaryň arasynda söweş bolan mahalynda, Abu-l-Fazl Baýhaky tarapyndan Abiwert ilatly ýer hökmünde ençeme gezek agzalýar, şol ýere käte Togrul beg, käte-de gaznawylaryň soltany Masud gelip gidipdir.

Abiwerd şäheriniň harabalyklary barlanylan mahalynda, şäheriň günorta-gündogar we demirgazyk-günbatar böleginde ýerleşen hünärmentçilik mähelleleri ýüze çykaryldy, şol ýerlerde demir erginlerine we demir böleklerine duş gelinýär. Şäheriň merkezi bölegindäki esasy jaýlaryň harabalyklaryndan aýal-gyzlaryň şaý-sepleri tapyldy, olar kümuş ussalarynyň we zergärleriň işländigine şaýatlyk edýär.

Abiwerdiň çäklerinde şäheriň suw bilen üpjün edilendigine şaýatlyk edýän suw howdanlary, ýaplar we guýularyň birnäçesi ýüze çykaryldy. Arheologiýa gazuw işlerini geçirmezden, orta asyr Abiwerdiň şäher durmuşyna degişli meseleleriniň ençemesi çözülmän galýar. Şonuň bilen bir wagtda bolsa dürli görnüşli oňat hilli küýze we metal önümleri, ýasalan zikgeler demirgazyk Horasynyň möhüm söwda-hünärmentçilik keşbini ýeterlik göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýär.

Orta asyr Abiwerd şäherini (Peşdag şäheri, Kaka demir ýol duralgasynyň golaýynda ýerleşýär) hem burçlary atyşhanaly ýarym aýlaw diňler bilen berkidilen gala diwary gurşap, onuň daş ýüzünden berkitme haýat we duşman çozanda suw bilen doldurylýan garym aýlanylypdyr. Şäher gönüburç meýilnamada bolup, onuň ýeke-täk derwezesi günorta-günbatar tarapynda ýerleşipdir. Şäheriň merkezinde XII asyrda gurulan metjit we onuň golaýynda uly bolmadyk meýdança ýerleşipdir.

Ark-kuhendiz şähristanyň demirgazyk-gündogar diwarynda ýerleşip, ol hem ýarym aýlawly diňler bilen gurşalypdyr. Rabat esasan, günorta we günbatar taraplara uzalypdyr. Bu ýerde esasan, senetçilik önümçiligi ýerleşipdir. Şeýle hem, rabatda şäheriň senetçileriniň öndürýän önümlerini çarwalaryň harytlary bilen alyş-çalyş edýän bazarlary ýerleşipdir.

**Rowaýat:**

ABIWERD

*Ýakut Hamawy "Kitap mugjam- ul- buldan" ("Ýurtlar sözlügi") diýen kitabynda Abiwerd şäheri barada şeýle maglumatlary beripdir:*

*" Parslaryň taryhy kitapllarynda ýatlanyp geçilişine görä, Keý Kowus şa Horasandan Bawert bin Juderzä ýer bölüp beripdir. Şol ýer Abiwertdir. Ol bu ýere*

*öz adyny dakypdyr. Abiwerd Horasanda Nesa (Nusaý) bilen Sarahsyň aralygynda ýerleşen şäherdir.”*

**Ýadygärligiň ady:** Nusaý galalary
**Ýadygärligiň ýerleşýän ýeri**: Ahal welaýatynyň Ruhabat etraby.
**Ýadygärligiň döwri**: b.e. ö. III asyr – b.e. XIX asyry

***Beýany:***

*"Türkmen taryhynda beýik Parfiýa döwletini gurup, rimliler bilen darkaş guran Ärsak şa öz döwründe ylahy Ärsak şa adyny göteripdir…Türkmen taryhynda pygamber kibi yz goýan, ylahy adyny göteren şahslar Ärsak şadan başga-da gaty köp, biz olary keseki halklaryň boýnuna dakmakdan daşda, emma özümiz olaryň keramatly adamlardygyna ynanýarys, ynamymyza hem daş atdyrmarys."*

*Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy (Ruhnama I kitap sah. 43)*

*"I-XIII asyrda oguz türkmenleriniň galkynmalaryny inkär edip bolmaýar. Parfiýa döwletiniň, gaznaly türkmenler soltanlygynyň, seljuk türkmenleriniň soltanlygynyň, Köneürgenç türkmenleriniň soltanlygynyň dünýäniň taryhy-syýasy ugruny üýtgeýändigini, ykdysadyýetiň, medeniýetiň örän ýokary derejä göterilendigini inkär edip boljak däldi"*

*Beýik Saparmyrat Türkmenabşy (Ruhnama I kitap , sah. 209-210).*

Parfiýa Türkmenistanyň çäklerinde dörän özbaşdak döwlet bolup, ony esaslandyran Arşak bolupdyr. Onuň nesillerinden patyşalyk edenleriň hemmesine bir sözde „Arşakitler" diýilýär.

Arşakitleriň ata Watany günbatarda Girkan (Hazar) deňzi gündogarda Ariýa (Hyrat) sebitleri günortada Köpetdagyň ilersindäki Deştikebir çöllügi we demirgazykda hem Garagum çöllügi bilen serhetdeşdir. Eger-de ol ýerleri häzirki zaman geografiki kartasyna geçirsek, onda Türkmenistanyň günorta-günbatar etraplaryny, Owganystanyň demirgazyk-günbatar ýerlerini, Eýranyň bolsa demirgazyk-gündogar çäklerini öz içine alardy.

Parfiýa döwletiniň çäkleri aýry-aýry patyşalyklara (welaýatlara) hem satraplara – (etraplara) bölünipdir. Şoňa görä-de, onuň paýtagty hem bir däl-de, birnäçe bolupdyr. Türkmenistandaky paýtagt şäheri Aşgabadyň 15 km. günbatarsynda häzirki Bagyr obasynyň çäklerinde ýerleşýän Nusaý galalarydyr. Bu ýerde aralary bir-birlerinden uzak bolmadyk iki sany gala bar. Olaryň gündogarkysy Köne Nusaý, günbatarkysy bolsa Täze Nusaý diýlip atlandyrylýar. Hakykatda bolsa Täze Nusaý galasynyň ýerleşen ýerinde heniz Köne Nusaý galasynyň düýbi tutulmazdan müň ýyldan hem gowrak ozal oturymly ekerançylyk obasy ýerleşipdir. Emma, günbatarky galada ýaşaýyş XVII-XVIII asyrlarda hem dowam edipdir. Şoňa görä-de oňa Täze Nusaý diýipdirler.

Baryp, XIX asyrda rus barlagçylary: Şu harabalyklar gadymy we orta asyr taryhçylarynyň agzan Nusaý şäheriniň galyndylarydyr- diýip, çak edipdirler. Şäher harabalygynyň Köne Nusaý we Täze Nusaý diýen türkmençe ady hem şol çaklama laýyk gelýärdi. Emma, käbir daşary ýurt alymlary ýaňy-ýakyn wagtlara çenli Gadymy Nusaý kä Nişapuryň ýakynlygynda kä-te Midiýada ýerleşendir diýip,

tassyklaýardylar. Bagyrdaky gadymy şäher harabalyklarynda XX-nji asyryň 30-njy ýyllarynda Türkmenkultyň we ylaýta-da Günorta Türkmenistan Arheologik kompleksleýin ekspedisiýasynyň (GTAKE) 1946-njy ýyldan başlap ýaýbaňlandyran arheologik işi Nusaýyň hut şu ýerdedigini şübhesiz tassykladylar.

**Köne Nusaý** galasy Arşakitleriň köşk-ymarat jaýlary bolup, onda döwlet diwany, ybadathana, hazyna, patyşalaryň maşgalalarynyň, şeýle hem, köşge ýakyn adamlaryň ýaşaýyş jaýlary ýerleşipdir. Başgaça aýdylanda, Köne Nusaý köşk galasy bolan.

Köne Nusaý galasy 14-15 gektar töwerekleri meýdany tutýar. Ol emeli beýiklikde ýerleşýär. Gala pahsadan bina edilip, diwarlarynyň düýbüniň galyňlygy 8-9 metre ýetýär. Gala goranyş küňreleriň – diňleriň 43 bilen berkidilipdir. Tapylan ýazgylardan biriniň tassyklamagyna görä, Köne Nusaý ozal Mitridatyň galasy diýlip atlandyrylýan eken. Emma, haýsy Mitridat döwründe: patyşa Mitridat I-mi (b.e.ö. 171-138 ý.) ýa-da Mitridat II (b.e.ö 123-88 ý.) döwründe gala salnypmy-belli däl.



Köne Nusaýyň (b.e.ö. III- b.e. III asyrlar) umumy görnüşi

Köne Nusaýda ymaratlaryň birnäçesi bolup, olardan belli bir derejede öwrenileni günorta we demirgazyk toplumlary diýlip atlandyrylýan desgalardyr.

Günorta toplum „inedördül zaldan”, „tegelek ybadathanadan” hem-de „merkezi diňden” ybarat. „Inedördül zal” tarapyndan bu jaýa üç girelge bar. Olaryň hemmesi hem kerpiç basgançaklar bilen üpjün edilipdir. Zalyň bir gapdalynda uzyn jaý bolup, onuň diwarynyň suwagynyň gyzyl reňki bar. Diwarlar iri çig kerpiçlerden bina edilip, olaryň galyňlygy 3 metrden 6 metre çenli bolupdyr. Zalyň sütünleri hem-de arhitektura bezegleri iri we galyň bişen kerpiçlerden dikeldilipdir. Jaýyýn diwarlarynyň 3 m. belentliginden ikinji gat başlanýar. Ikinji gatda birnäçe tekjeler bolup, olarda iri heýkeller – adam şekilleri goýulypdyr. Zalyň umumy beýikligi 8-9 m. bolupdyr. Gazuw-agtaryş netijesinde tapylan heýkelleriň ýüz-gözleri bilgeşleýin persala edilipdir. Aýal şekilleri egninde gasyn-gasyn  eşikli, erkek adamlar bolsa balakly, sakally we murtly hem-de demir donly beýan edilipdir. Alymlaryň pikirine görä, şol şekiller Parfiýany dolandyran patyşalaryň hudaýlaşdyrylan heýkelleri bolmaly.

„Inedördül zal”  dabaraly  mejlisler-ýygnanyşyklar geçirilen ýer we şonuň bilen birlikde parfýanlaryň ata-babalarynyň huzuryna zyýarat edilýän ybadathana bolupdyr.



Inedördül zal

„Tegelek ybadathananyň” diametri 17 metre barabar bolup, ol hem „Inedördül zal” ýaly iki ýarusdan ybarat bolupdyr. Jaýyň  ortasyndan tapylan döwük-ýenjik heýkeller bu zalyň diwarlaryndaky tekjelerde adam şekilleriniň –

heýkelleriniň goýlandygyna güwä geçýär. Şoňa görä-de „tegelek zal” hem ybadathana bolnadyr diýlip çaklanylýar.

Iki zalyň („inedördül” we „tegelek”) aralygynda „merkezi diň” bar. Ol hem iri kerpiçden bina edilipdir. Diňiň üstünde „keramatly” ot ýanyp durandyr diýlip çaklanylýar. „Inedördül zal” bilen „merkezi diňiň” aralygyndaky otaglardan diwar nagyşlary, guşuň we atyň, şeýle hem urşujynyň palçykdan ýasalan, kellesinde çiş telpegi bolan şekili tapyldy.

Köne Nusaýyň demirgazyk böleginde başga hili jaýlaryň toplumy bolupdyr. Bu ýerde howlynyň töwereginde inedördül görnüşli, ilki başda 12 sany uly otagdan ybarat uly (her tarapy 60 metre golaý) jaý bolupdyr. Şu otaglar uzyn görnüşli bolup, diwaryň boýunda sekisi bolupdyr, dört sany sütün tamyň üstüniň esasy örtgüsini saklapdyr. Birneme gijiräk täze gurluşyk işleri geçirilenden soň onda ýene-de 10 sany otag we „Г” şekilli geçelge peýda bolupdyr. Ähli otaglaryň geçelgeleri pugta ýapylypdyr, ýekeje bir girelge öýüň howlusyna alyp barypdyr. Geçelgeleriň kerpiç örülen ýerlerinde mele toýun kesekleriniň galyndylary tapyldy, bulara parfýanlaryň dürli möhürleri basylypdyr. Ymaratda dini zatlar saklanylýan jaýlar bolupdyr, çak edilişi ýaly, bu jaýlar arşakitleriň dini bilen baglanyşykly bolupdyr.

Inedördül öýüň ýakynynda, onuň gündogar tarapynda uly humhana toplumy – şerap ambarlary tapyldy, bu ýerde şerap üçin ýasalan uly humlar goýlupdyr. Gazyp agtaryş işleriniň dowamynda arheologlar ajaýyp açyşlar etdiler: b.e.ö.II-I asyryň hojalyk arhiwinden köp mukdarda parfiýa resminamalaryny tapdylar. Resminamalar humuň döwlen böleklerine gara reňk bilen ýazylypdyr. Ylymda şular ýaly hat ýazylan küýze döwüklere grekçe „ostrakon” diýmeklik kabul edilendir. Rus alymlary tarapyndan okalan bu resminamalar ylymda az mälim bolan arameý hatyna meňzeş parfýan hatynda ýazylypdyr. Köne Nusaýdan tapylan ostrakonlaryň sany iki ýarym müňden hem geçýär. Olaryň köp bölegi Nusaýyň daş-töwereginde ýaşaýan salgyt töleýjileriň ol ýa-da beýleki üzüm baglaryndan şerap berilmegi üçin ýazylan permanlaryndan ybaratdyr. Ýagny Parfiýanyň raýatyna giren satraplardan döwletiň hazynasyna gelen çakyryň hasaby ýöredilipdir. Şol hatlara görä salgyt azyndan ilatly ýerleriň 17-sinden we obalaryň 10-dan alnypdyr. Küýzeleriň her birine orta hasapdan 100 litr töwerekleri çakyr sygypdyr. Şoňa göräde Köne Nusaý hazynasynda 500 töweregi humda ýarym million litr töwerekleri çakyr saklanypdyr diýlip çak edilýär.

Demirgazyk toplumda inedördül öýden we humhanadan başga-da olara utgaşýan kömekçi hojalyk we önümçilik-durmuş jaýlarynyň galyndylary hem tapyldy.

B.e. III asyrynda, şalyk ýykylandan soň, bu ýerde saklanylýan baýlyklar rehimsiz suratda talanypdyr, emma talaňçylar zatlaryň az-kemini galdyrypdyrlar, ýitiripdirler, taşlapdyrlar, hat-da şu galak-gaçak galyndylar-da bu ýerde saklanan zatlaryň aýratyn köpdürli we gymmatly zatlardygyna şaýatlyk edýärler. Bu ýerde ýaraglar, demir sowutlar, uly galkanlar (olaryň biri bürgütleriň suraty bilen bezelipdir), keman peýkamlary, gyzyl çaýylan gymmat bahaly matalar, bir bölegi pil süňkünden bezelen patyşa tagtynyň galyndylary, dürli gap-çanaklar – uly toýun gaplar, golçalar, çüýşe bulgurlar, gutylar bardy.

**Täze Nusaý** galasyndan hem Parfiýa döwrüniň ýaşaýşyny we durmuşyny häsiýetlendirýän ençeme arhitektura desgalary we zatlary tapyldy.

Gadymy şäheriň özi Täze Nusaýyň harabalyklarynda ýerleşýär. Şäheriň daşyna parfýanlar döwründe inli gala diwary salynypdyr, olaryň gönüburçly goranyş diňleri bolupdyr. Günorta böleginde gala diwarlary bilen daşy aýlanan belent (sitadel) içki gala ýerleşýär. Içki galada diwanhanalar, döwletiň däne we şerap ambarlary, begzadalaryň ýaşaýan jaýlary ýerleşipdir.

Begzadalaryň ýaşaýan mähelleleri köplenç hut şäheriň öz çäklerinde ýerleşipdir. Onuň demirgazyk-günbatar böleginde, gala diwarlarynyň ýakynynda dini merkez ýerleşipdir. B.e.ö. III-II asyrda bu ýerde owadan ybadathana salnypdyr, onuň daşy sütünli eýwanlar bilen gurşalypdyr, b.e.ö. I asyrda bolsa, by ýerde uly gonamçylyklar emele gelip başlapdyr. Ilatyň gurpsyz gatlaklarynyň ýaşaýan jaýlary şäheriň demirgazyk bölegine gysylyp çykarylypdyr. Ol jaýlaryň diwarlary laýdan salnypdyr, jaýyň (poly) ýeri palçyk bilen şirelenip, oňa boýralar ýazylar eken.

Nusaýyň giň şäher etegi bolupdyr, ol hem gala seňňeri bilen gurşalypdyr. Bu ýerde gul eýeleriniň mülkleri, baglary we üzümleri ýerleşipdir.

B.e.226-njy ýylynda Arşakitleriň ýykylmagy Nusaýyň ykbalyna hem uly täsir etdi, Arşakitleriň mülkleri bolsa Eýranyň sasanylar döwletiniň eline geçdi. Agdarylan nesilşalyk bilen baglanşykly zatlaryň ählisini nesliň ýadyndan çykarmak maksady bilen, sasanylar parfýanlaryň köp asyrlaýyn sene ýazuwlaryny ýok edipdirler. Arşakitleriň, Köne Nusaýyň-Mitridatokertiň urug merkezleri hem şeýle ýok edilmeklige sezewar bolupdyr. Arheologlar bu ýerde bilkastdan edilen gazaply weýrançylyklara, talanyp alnan baýlyklara we uzak wagtlap ýaşaýyş bolmadyk, taşlanan gadymy şäher harabalyklaryna duş gelýärler.

Türkmenistanyň günorta etraplarynda: Köpetdag eteklerinde we Mary welaýatynda Parfiýa zamananyň köp şäherleri we obalary tapyldy. Olaryň birnäçesi has giçki döwürlerde ýaşalan medeni gatlaklaryň aşagynda galypdyr.

Geçirilen arheologiki barlaglar, diňe bir Ahal welaýatynda Parfiýa döwrüne degişli gadymy mekanlaryň 30-dan köprägininiň bardygyny görkezdi. Olardan *Hosrowgalany, Ýelkendepäni* (Kaka etrabynda), *Garrykäriz* (Gökdepe etrabynda), *Sarahs galasyny* we başgalary ýatlamak bolar.

X asyrda Nusaý täzeden ýokary göterilýär. Şol ýokary göteriliş onuň Horasanyň iri ykdysady we medeni merkezine öwrülmegine alyp barýar. X asyryň arap taryhçysy Makdisi Nusaýy Tus we Abywert şäherleri bilen bir hatarda Horasanyň iň baý şäherleriniň biri, Nişapuryň „hazynalarynyň” biri we „galla mesgeni” diýip atlandyrýar.

Nusaý barada Makdisi şeýle ýazýar: „Nusaý uly, sagdyn we owadan şäher, suw bol, ýaşaýyş eşretlerine baý, onda agaçlar biri-birine çyrmaşýar, olarda miweler oňat, metjit owadan, çörek arassa; bazar hatar-hatar bolup ýerleşýär, onda gymmat bahaly we seýrek zatlar bar. Olar bir dine uýýarlar, zatlar mydama arzan, şonuň bilen bilelikde olarda edebiýat, gelip çykyş we geneologiýa, duşman üçin batyrlyk we el ýetmezlik bar. Şol ýerde bagsyz we akar suwsyz öý ýok”.

Orta asyrlar Nusaýy özüniň ýüpegi, nah matalary, küýze önümleri bilen şöhratlanypdyr.Täze Nusaý şäherjiginde geçirilen arheologik barlaglary şu ýerde syrçaly we syrçasyz küýzeleriň, gymmat bahaly suwuklyklary, hoşboý ysly ýaglary, simaby we beýlekileri saklamak üçin aýratyn bişirilýän toýun gaplaryň öndürilendigini görkezdi. Şeýle hem, bu ýerden demirden edilen towuk, aýnadan, süňkden, bürünçden, reňkli daşdan we beýlekilerden ýasalan önümler tapyldy.



Pil süňkinden ýasalan gap

XI asyryň başlarynda Nusaý Türkmen Seljuk döwletiniň düzümine girýär, iri şäher bolýar. Nusaýda doglan, soltan Jelal-ad-Diniň taryhyny ýazan, orta asyrlaryň belli ýazyjysy-taryhçysy naip Muhammet ibn Ahmet an-Nesewi XIII asyryň başynda şol barada şeýle ýazýar: „Nusaýda baýyrlyk ýerde salnan iň ajaýyp galalar bar, olar örän ululygy we köp halky öz içinde ýerleşdirip bilýänligi bilen tapawutlanýar, ilatyň baýdygyna ýa-da garypdygyna garamazdan, ählisiniň jaýlary

şol galalaryň içinde ýerleşipdir. Onuň ortasynda hökümdarlar üçin ondan beýik başga bir gala salynypdyr, suw bolsa şol beýik galadan pes gala tarap akyp gelipdir. Nusaýyň daşy duşmanlar tarapyndan gabalan günlerde ony suw bilen üpjün eden şol çeşme gadymy şäher harabalygynda biziň günlerimize çenli dowam edipdir, bu çeşme şol ýerde ekilen gök ekinleri suw bilen üpjün edipdir”.

1220-nji ýylda Nusaý Çingizhanyň ordalary tarapyndan elhenç weýrançylyga sezewar edilýär. Olar ony diňe bir weýran etmek bilen çäklenmän, eýsem şäheriň ilatynyň 70 müňüsini gyrdylar, öýleri, metjitleri we kitaphanalary tozdurdylar. Golýazma kitaplaryň bolmanda bir bölegini halas etjek bolup synanyşan An-Nesewi soňra şeýle diýip ýazýar: „Men Nusaýda galdyran zatlarymdan diňe kitaplara gynanýaryn”.

Emma, mongol talaňçylygyndan soňra hem, Nusaý külden täzeden döredi. Nusaý galasyndan tapylan sekiz burçly ýyldyz we atanak görnüşindäki ýaş ýigidiň we gojanyň şekili bolan oňat nagyşlanan syrçaly kerpiçler XIII asyryň ikinji ýarymyna degişlidir. Kaşin küýzeleriniň ajaýyp nusgalary XIV asyra degişlidir. Nusaý XIV-XV asyrlarda Teýmiriň we onuň mirasdüşerleriniň häkimligi astynda bolýar. Şol döwürde ol gür ilatly iri hünärmentçilik-söwda merkezi bolýar. Nusaýyň golaýynda Baba Alymes mazarystanyndan tapylan mazar üstündäki ýadygärlik hem-de köwme nagyş we arap haty bilen örtülen sütün görnüşindäki “Çyraghana” XV asyryň başyna degişlidir. Mazar üstündäki ýadygärlikde ýazylan ýazgydan görnüşi ýaly ol, 1417-nji ýylda aradan çykan al-Jelile degişli bolupdyr. Al-Jeliliň mazarynyň üstündäki ýadygärlik we Çyraghana ajaýyp epigrafik ýadygärlikleriň biridir.

**Rowaýat:**

## NUSAÝ

*Bir patyşa täze Nusaýy saldyrýarka,işe ýekeje pursat gijä galany diriligine palçygyň arasyna oklap, üstündenem palçygy guýdury berýän eken. Şeýle zalym ekeni, şeýlebir zulumdar ekeni.*

*Günlerde bir gün, Gurban nähilidir bir sebäp bilen işe gijä galyp baraýmazmy! Atly aýlanyp ýören patyşa biçäräni ýanyna çagyrypdyr-da:*

- *Gijä galanlary nädýänligimi bilýärmiň? diýip, gala tarap gamçysyny uzadypdyr.*

*Ýazykly Gurban gaýtargy berip bilmän, ýuwdunyp durmuş. Patyşa at üstünden gamçysy bilen guluň ýalaňaç ýaňyrgysyna yzly-yzyna saýgylap:*

- *Senden soralýar! Gijä galanlary nädýändigimi bilýärmiň?- diýip, gamçysyny şol eňterip durmyşyn.*

*Gurban näçe mert durjak bolsa-da iki elini gamçynyň öňüne tutanyny duýman galypdyr. Indi ol gyzyp duran kebzesini gaşap, näme bolsa şol bolsuna urupdyr.*

*-Bilýän. Gowy bilýän!- diýipdir.*

*Onda patyşa dergazap bolup:*

*-Bilýän bolsaň näme üçin işe gijä galdyň? Häziriň özünde seni laýyň içine ataryn- diýipdir.*

*Gurban biçäre patyşa ýüzlenip:*

*-“ Almany ýokary zyň, ýere gaçýança ýa pelek!” diýipdirler, ygtyýar sizde, bizem guluňyz – diýipdir.*

*Onda patyşa:*

*-Biderek samahyllamany hem öwrendim diýsene. Heý, ýasawullar! Hany tizden tiz almany getiriň, bu hyzmatkär Gurbanyň diýeniniň ýalandygyny gözüne görkezeýin – diýipdir.*

*Ýasawullar derrew bir sebet akly- gyzylly almany getirip patyşanyň dergähinde goýupdyrlar. Tylla- kümüş esbabyny jugurdadyp, başyny silkeläp, oýnaklap duran bedewiň üstünde oturan patyşa egilip, bir ullakan, ýalkym saçyp duran gyzyl almany alypdyr-da, ýokary zyňyp:*

- *Ine, alma pelege sary gitdi- diýip, tiňkesini asmana dikipdir.*

*Zyňylan alma aşak gelýärkä, patyşanyň atynyň çat maňlaýyna degipdir. Duýdansyz zarba zähresi ýarylan çus bedew ürküp, çarpaýa galýar-da, öňe bir towusýar.Beýle zada garaşman oturan patyşa patlap ýere gaçypdyr. Onuň kellesi dagyň gara daşyna degip, tarpa jany çykypdyr.*

---

*Isgenderiň ” aldy – aldysy” bir aý öňünden, “geldi- geldisini” iki hepde öňünden eşidiler eken. “ Geldi- geldisi” eşiden handyr patyşa bada-bat akyldarlaryny, emeldarlaryny köşge ýygnap, maslahat geçirer eken.*

*Hökümdar ilki- ilkiler Isgender bilen söweşipdirler. Ýigitler her daban ýer üçin janyny orta goýupdyrlar. Meýit meýde çaknyşyp, depeler döräpdir, suw ýerine gan akypdyr. Her gezek, Alla tarapyn Isgender söweşde üstün çykypdyr. Basyp alan ýerini dine salyp, beýleki ýurtlary basyp almaga ýöriş edipdir.*

*Onuň batyrlygy, edermenligi, akyl- paýhasy,keramatlydygy hakda rowaýatlar aýdylyp çar tarapa ýaýrapdyr. Men-men diýen hökümdarlar Isgenderiň öňünde baş egipdirler. Ahyry hökümdarlar pida çekmezligiň tärini tapypdyrlar. “ Isgender pylan ýurdy alypdyr” diýenden halta-halta gyzyl-kümüşleri, gymmatbaha zer matalary alyp, bir günlük ýolda goýupdyrlar. Al-elwan geýimli gyzlary, syrdam atly ýigitleri hödürläpdirler. Ýurduň patyşasy wezir- wekilleri, gojalar bilen Isgenderi garşylap sowgatlary, gyzlary, ýigitleri, atlary peşgeş berer eken.*

*Isgender atdan düşmän, hatar- hatar haltadaky gyzyl- kümüşi, owadan gyzlary, edermen ýigitleri, gamyş gulak, ýyndam bedewleri, nurana gojalary görüp, göwni hoş ýagdaýda ýurduň adalatly patyşasyny sorar eken. Patyşa tagzym bilen ýurdunyň adyny we öz adyny aýdar eken. Isgender atda oturan ýerinde:*

- *Sen şalygyňy ediber- diýip, esgerleriniň birini patyşa görkezip:*
- *Şu pajyňy ýygnar. Sowgadyňa eýeçilik eder diýip, galanyň daşyny aýlanyp geçip gider eken.*

*Günlerde bir gün “Isgender patyşa Sarahsy alypdyr” diýen habar*

*Nusaýa ýaýrapdyr. Ertesi “Isgender patyşa Abywerdi alypdyr” diýen habar gelipdir.*

*Nusaýyň pähimli dana patyşasy bar eken. Ol Isgenderli gürrüňi akyl eleginde eläp, emeldarlaryny, wezir- wekillerini, dana gojalary köşgüne çagyrypdyr:*

- *Isgender aňyrsy birki günden Nusaýa geler.Heniz bu patyşanyň ýeňlen ýeri ýok. Alla Isgender tarapynda, ol alan ýurduny diňe salyp gelýärmiş. Nusaý uly ýurt. Nätsek gowy bolar?!- diýip, patyşa dana kişilere ýüzlenipdir.*

*Oturanlaryň bir topary:*

- *Nusaý güýçli ýurt, batyr ýigitlerimiz bar. Olar nijeme söweşde Nusaýy duşmandan halas etdi, il- ýurduň namysyny gorady. Isgender güýçli bolsa, biz hem peslärli däl. Henize çenli ýeňlen ýerimiz ýok. Söweşeliň, belki ýeňeris - diýipdir.*
- *Uruş pidasyz bolmaz. Iliň edişi ýaly, altyn kümüş ýygnap, gyzlarymyzy, ýigitlerimizi sowgat berip, janymyzy aman saklalyň- diýip, beýleki topar öz teklibini orta atypdyr.*

*Jedel uzaga çekipdir. Her kim bir zat diýipdir. Maslahatyň arasynda ýaşy togsany sermäp barýan bir goja bar eken. Ol ertirden bäri gürrüňe goşulman, bir çetde aýdylanlary akyl eleginden geçirip otyr eken. Ol ahyry hiç kimiň oýlanmadyk teklibini orta atypdyr:*

- *Patyşam, aýdylan teklipler erbet däl. Urşulsa, iki tarap hem egsik däl, köp gan döküljek. Altyn-kümüş, ýigit- gyz hödürlesek, namysa galarys. Patyşam, men şeýle teklibi aýdasym gelýär. Ertir irden şäherde hiç kim galmasyn, halaýyk daga-daşa, çöle siňip gitsin. Bir özüm Nusaýy Isgenderden halas edeýin- diýipdir.*
- *Sen dünýäni alyp gelýän Isgenderi nädip ýeňjek?- diýip, patyşa gojanyň aýdanyna geň galypdyr.*

*Dana goja:*

- *Patyşam, ony size aýtsam “Tamda gulak bar” diýenleri bolar, älem eşider. Isgenderem siziň ýaly dana patyşasydyr - diýipdir.*

*Ýarygije patyşanyň permany bilen Nusaý boşap, gugaryp galypdyr. Aýagy ýer tutýan raýat daga-daşa çöle siňip gidipdir.*

*Nusaýda ýeke özi galan dana goja Gün derek boýy galanda galadan çykyp, Isgenderiň geljek ýolynyň ugruna Güne garap otury beripdir.*

*Isgender Nusaýyň howalasyny, şan-şöhratyny, edermen halkynyň söweşlerde görkezen gahrymançylygyny eşidip: “ Nusaý näderkä, uruşarmyka, mal-dünýä berermikä?” diýip, leşgerlerini söweşe taýýarlap gelýär eken. Änewden geçipdir. Ne leşger bar, ne-de altyn- kümüş, hiç zat ýokmuş. Uzakdan Nusaýyň sudury göze ilipdir. Daş- töwerekde iňlär siňek ýokmyş. Isgender ömründe geň ýagdaýa düşüpdir. Şeýle uly şäherli patyşalykda iňlär siňegiň ýoklugy ony iňkise goýupdyr. Leşgerbaşyny çagyryp, leşgerleri saklapdyr. Diňçileri ugradypdyrlar. Az salymda olar Nusaýda janly- jandaryň ýokdugyny, diňe bir garrynyň galadan çykyp oturandygyny aýdypdyrlar.*

*Isgenderde müň leşgeriň güýji bar eken. Ol bu habary eşidenden garra tarap at salypdyr. Özüne göwni ýetýän patyşa aty bilen geläge-de garrynyň öňünde*

*Güne böwet bolup duruberipdir.Isgenderde müň akyldaryň akylam jemlenenmiş. Ol garrynyň ýönelige galadan çykyp oturmandygyny bada-bat aňyp:*

*-Eý garry, men ýüzlerçe ýurdy aldym. Men-men diýen patyşalar maňa boýun sundy, paç berdi. Ýöne ömrümde seniň ýaly ýeke garryny çykaran ýurda duş gelmedim. Mertlik menden galsyn, aýt dilegiňi- diýipdir.*

*-Eý jahan patyşasy, meniň artykmaç dilegim ýok. Men häzir Güne çoýunyp otyryn. Bir dilegim, Günüň öňünden aýrylsaň bolýar- diýipdir.*

*Garrydan bu sözi eşiden Isgender garryň aýdan sözüne düşünip, yzyna gaýdypdyr-da, goşunyna Nusaýyň daşyndan aýlanyp geçmäge perman beripdir.*

*Leşgerbaşy Isgenderiň Nusaýdan aýlanyp geçmeginiň sebäbini soramaga ejap edipdir. Emma danalaryň danasy Aristotel Isgender Jahangirden bu wakanyň sebäbini sorapdyr. Isgender Aristotele şeýle diýipdir:*

*-Aristotel,men ömrümde senden soň ikinji dana kişä duşdum. Ol ýeke söz bilen ýurduny, halkyny, ar-namysyny halas etdi.*

*Onda Aristotel:*

*- Patyşam, men düşünmedim. Ol nähili Nusaýy halas etdi?- diýip sorapdyr.*

*Isgender munuň sebäbini şeýle düşündiripdir:*

*- Garrynyň Nusaýdan ses ýetim arada ýöne ýere oturmandygyny aňdym-da: “ Dilegiňi aýt” diýdim. Ol: “ Bir dilegim bar. Güne çoýunyp otyryn, öňümden aýryl” diýdi. Men bada-bat onuň:” Eý Isgender, sen dünýäni alyp, güne perde bolup bilmersiň” diýenini aňyp, yzyma dolandym. Nusaýdan şonuň üçin aýlanyp geçdim- diýipdir.*

*Isgender geçip gidenden soň, dana goja Nusaý ilatyny gala çagyrypdyr. Nusaýy ýeke özi halas eden bu dana goja ýüz töweregi ýaşap dünýäden ötüpdir. Onuň Nusaýy Isgenderden halas edişi baradaky gürrüňler rowaýata öwrülip, nesilden-nesle geçipdir.*